# «Ýýak, hawa-la…» / ýumoreska

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 24 января, 2025
"Ýýak, hawa-la…" / ýumoreska «ÝÝAK, HAWA-LA…»

– Durmuşda köpler pul diýip hars urýarlar weli, esasy baýlyk saglyk dälmidir?
– Ýýak, hawa-la…
– Ony diýen bolýas. Ýöne puluñ bolmasa-da, aljak galañ-a ýok.
– Ýýak, hawa-la…
– Ýeri, bor-la. Bal diýeniñ bilenem agyz süýjäp baranok. Alýanja aýlygymyz, şükür, maşgalamyzy aýlamaga-ha ýetýär. Galan zatlañam näme, bir zady bor-da?..
– Ýýak, hawa-la…
– Ýöne, dogrusy, bir aýlyga ýaplanyp oturmagam… Baý, eklenmegem kyn bold-ow.
– Ýýak, hawa-la…
– Dogry, käte gazete-beýlekä odujak-budujak zat çyrşan bolýas weli, şondanam bäş-üç şaý gelmän-ä duranok. Eýsem, şo-da çagalara süýji-köke almaga…
– Ýýak, hawa-la…
– Bäh! Bir kitap ýazyp, ogluny öýerýän ýazyjylar barmyşyn. Şolar dagy diýýän-ä, gaty baýdyr-ow?..
– Ýýak, hawa-la…
– Olañkyñ ýanynda dagy, biziñ alýanja gonorarymyz… Bäş-üç manatdan pul bolýarmy diýsene.
– Ýýak, hawa-la…
– A-aý, bolýa-la. «Kanagata bereket» diýipdirler. Jan saglygy bolsa, dura-bara hemme zadam bolar barar-da.
– Ýýak, hawa-la…
– Şeý diýen bolaýýas, ýöne özüñçe barly-ýoklar gapdalyndan «Wolgaly» ýa «Žigulili» daz ýasap geçip gidýärler weli, içiñ ýangyjyna özüñi öldüresiñ geliberýär, how?!
– Ýýak, hawa-la…
– A-how, diýýän-ä, men nämeler samran bolup durun-a?! Indi gel-gel, ölümden başga gürrüñ tapmadyñmy diýsene.

– Ýýak, hawa-la…
– Bir zady zol-zol gaýtalap dursañam, ýüregiñe düşüberýär.
– Ýýak, hawa-la…

Sahyt ORAZALYÝEW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 25.08.1989 ý. Satiriki hekaýalar